# Aşyk Merdan kyssasy -3 / dowamy

Category: Goşgular,Haýwanat dünýäsi,Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025

Aşyk Merdan kyssasy -3 / dowamy –Diýmek, onda o dünýede ýeke bir geçmiş, merhumlar däl-de, gelejegem bar-da? Şol ýere baran ruhlar indiki doguljak nesiller-dä?

–Howwa. Olar bu ýere o dünýelerden Günorta polýusyň üsti bilen gelýärler. Şol ýerde o dünýä bilen aragatnaşyga girilýän çykalga bar.

– Ruhyň beýleki dünýelere gitmän göni yzyna, şu ýere gelmegem mümkinmi?

–Mümkin. Ýöne, zemine gelmezinden öň beýleki dünýäleri näçe köp mukdarda geçdigisaýy, ruhyň indiki ömründäki ukyby şonça güýçli bolýar. Çünki, beýleki dünýäler güýçli hem uly ruhy gatlaklardan ybarat. Şonuň üçinem, şol ýollary geçip gelen adamyň içki mümkinçilikleri güýçli, ýöne, onuň özi muny köplenç gümanam etmeýär. Töwerek-daşdan bolsa onuň öz içki mümkinçiliklerini ulanmaklyga ýol berilmeýär. Sebäbi ol bu dünýäniň adamlaryna meňzemeýär. Zemin ogullary bolsa özlerinden üýtgeşik ukyply adamlary halamaýarlar. Şonuň üçinem, olaryň ömürleri köplenç şowsuz bolýar. Sähelçe öňe saýlanyberdikleri, edil dilleşilen ýaly töwerek-daşdan topulyşyp düýt-müýt edýärler. Başyny galdyrmana mümkinçilik bermeýärler. Ýekirýärler. Hatda öz ýakynlarynyňam, maşgala agzalarynyňam oňa gaty bir gulak asaýaslary gelenok…

Alymyň berýän gürrüňleri gyzyklydy. Ýöne, meniň ondan öz oglumyň ruhy barada sorasym gelýärdi. Onuň gaýdyp geljekdigini ýa gelmejekdigini, geläýende nireden we nädip tapyp biljekdigimi tapaýanymda-danädip tanap biljekdigimi bilesim gelýärdi. Sähelçejik hem bolsa umytda bolasym, şol üýtgeşik güne garaşyp gezesim gelýärdi.

Emma ol ýene-de bu günlükçe gürrüňçiligiň gutarandygynyň alamaty hökmünde süňklerini şakyrdadyp ýerinden turdy.

Üsti-başyny kakyşdyrdy.
–Bor onda, galanyny soň gürleşeris.
Maňa bu gezegem hoşlaşaýmakdan başga alaç galmady.
Bolsada, şondan soň ol ikimiziň gepimiz alşyp ugrady.
Ol her gün bolmasa-da, ýygy-ýygydan gürrüňçilige gelýärdi. Islän soragyma jogap berýärdi, ýöne, arzyly soragyma ýetiberdigim, içimdäkini okap oturan ýaly derrew gürrüňi başga tarapa sowmak ýa-da, ur-tut turmak bilen bolýardy. Ýa Hansähet ahun ýaly bu-da geregini artdyrjak bolýamyka, diýen ýaly pikirlerem kelläme gelmän duranokdy.
Bir günem ol meniň energiýa meýdanymy düzetmeklige girişdi.
–Keseli öňki nesilleri soňkulara ýadygärlik goýup gidýärler – diýip, ol işe başlamazynyň öň ýany öz-özi hümürdedi. – Bu Karma. Arassa Karma. Hiç haçan şaly ekip arpa ormarsyň… Lagnatam şonuň ýaly. O-da nesilden-nesle geçýär… Öňki ömrüňde özüňi akylly-başly alyp barmadyk bolsaň, Allany tanamadyk bolsaň, bu ömrüňde rahat ýaşamarsyň.
Ol ilki hem gürledi, hem işledi. Soňabaka gürlemesini goýdy. Hä eýläme, hä beýläme geçdi. Kä dyzyna çöküp, kä ör turup, hasanaklap ýörşüne eliniň aýasyny daş-töweregimde gezdirdi. Birdenem aýasyny depämiň üstüne tutdy-da: “Oho! Oho!” diýip, daraklygyna galyp başlady. Ýetmeli ýerine ýetibilmedi öýdýän, ylgap gidip öýünden oturgyç getirdi. Şonuň üstüne çykyp aýasyny ýaňadandan depämde gezmeletdi. Onda-da ýetibilmänsoň böküp düşdi-de, hamala ýokarda elini guşuň höwürtgesine sokup çykaran ýaly aýalaryny kakyşdyrdy. Barmaklaryny silkişdirdi.
–Bu erbet ýagdaý däl. Gaýtam gowy. Siziň Kosmos bilen aragatnaşygyňyz gowy. Energiýa meýdanyňyzyň ýokary çägi elýeterden daşda. Ýöne, bedeniňiziň daşyndaky energiýa meýdanynyň bozulan ýerleri kän. Ony oňarmaly… Bejermeli…Düzetmeli…
Şondan soň ol meniň bilen ýüzme-ýüz durdy. Aýalaryny iki gapdalymdan, kükregimiň üstünden ýüzleý ýöretdi. Soň arkama geçip ýagyrnymyň üstünde gaýmalaklatdy. Şonda ol aýasyny tenime degirmeýärdi. Howa-da ýöredýärdi. Aýasy bilen tenimiň arasynda käte bir garyş, käte dört, iki barmak ýaly boş ýer galýardy.

—Ine! Ine! Şu ýeri bozulypdyr! Şu ýeri gowy däl. Weýran! Ine, bu ýeriňizden bolsa energiýa çykyp boşluga tarap akyp dur. Bu örän howply… Onuň ýara döretmegi,synaňyza şikes ýetirmegi mümkin… Ýöne, biz muny. Bejereris… Dikelderis…
Şeýdip ýörşüne ol käte erbet ýadaýar. Surnukýar. Çatmanyň içine girip ýa öýüne gidip galman ýatýar. Iki-üç günläp özüne gelibilmeýän wagtlaram bolýar. Soň gelip ýene-de işe başlaýar. Juda aljyran wagtam:
—Doga oka! Hudaýa ýalbar! Toba et! Kalbyňy arassala! Içiňdäki agressiýalaryňy, öýke-kineleriňi ýok et! Ýogsam maňa kyn bolýar—diýip, garaçyny bilen ýalbarýar. Yzyndanam käýinýär.
—Düýn ak ýürekden toba etmänsiň, ak ýürekden ötünç soramansyň… Gury sözüňi Taňry kabul etmez… Ol ikimize aldatmaz… Ýüregiňi doly arassalamasaň kesel senden aýrylmaz.
Şondan soň men ýene-de näme günäm bar bolsa geçmegini sorap Hudaýa mynajat edýärin. Toba kylýaryn. Ýalbarýaryn. Kimde öýkäm-kinäm bar bolsa, barysynyň günäsini geçýärin… Juda geçip bilmeseň, ýigrenmämi goýýaryn. Bu bolsa hakykatdanam meniň ýükümi ýeňledýär.
Bükdüzow ýene-de işläp başlaýar. Işläp duran wagty köçeden maşyn geçse ýa ötegçiler biri-birleri bilen haýkyryp salamlaşsalar gaharlanýar. Kejikýär. Başyny ýaýkaýar. Dodagyny dişleýär. “Wah bolmady-ow” diýip dommarylyp durýar-da, ýene-de täzeden başlaýar. Der bolsa maňlaýyndan, ýüzünden, boýnundan joralanyp akyp dur. Süpüribem bilenok. Sebäbi süpürjek bolsa äýnegini aýyrmaly. O-da işine päsgel berjek. Şonuň üçinem ol soňabaka äýnegini aýryp işleýär. Süssenekleýär. Ellerini öňe tutup howany sermenekleýär.
Ahyram bejeriş tamam boldy. Bükdizow: “Boldy!” diýip uludan demini aldy-da, göni öýüne gitdi. Üç günläp galman, hiç ýere çykman ýatdy. Dördünji güni ir bilen ýylgyrjaklap geldi. Gökje gözlerini jüýjerdip ýüzüme seretdi.
—Nätdi?
—Süňňüm ýeňledi. Beýnimem arassalanan ýaly boldy. Aşgazanymyň agyrysam aýryldy.
—Şol aýryldy dämi?
—Howwa.

—Hm-m… — Bükdizow geleli bäri elinde saklap duran galyň äýnegini gözüne geýdi. — Bilýäňizmi siz nämeden gutuldyňyz?
—Ýok.
—Rakdan.
—Rakdan?
—Howwa. Aşgazandaky ýara raga öwrülip başlan ekeni. Men muny başda duýdum, ýöne, size aýtmadym. Gorkuzmajak boldum. Indi howp sowuldy. Ýöne, özüňize berk boluň. Hiç haçan howsala düşmäň. Kalbyňyza agyr küýleri salmaň. Hiç kimi ýigrenmäň. Ýüregiňiz hemişe söýgüden doly bolsun. Hatda duşmanyňyzam söýüň. Hudaýyňam talaby şol! Ýöne, hiç bir söýgi Hudaýa bolan söýgüden öňe geçmeli däl. Özüňizem arak içmäň, çilim çekmäň. Başarsaňyz ýagly-ýüzli, hamyrly agyr naharlary iýmäň.
Alym bilen aragatnaşygymyz şondan soň hasam gowulaşdy. Öýüne baryp görmek, ylmy işleri, umuman işleýişi bilen tanyşmaklyga mümkinçilik döredi.
Entek toguň, gazyň ýoklugy üçin men içjek çaýymy şol wagt otda gaýnadýardym. Şonuň üçinem ol her gün diýen ýaly daşy çüýrändigi sebäpli gap bilinden aşagyna ýalpyldawuk ak nikelden bilekse aýlanan, ýaşyl reňkli, ak plasmass gapakly köneje termosyny dolduryp gaýnak suw getirip berýär. Men ony öz çäýnegime demläp termosy gaýtaryp berýärdin. Käte bileje oturyp içýäris. Şonda gürrüňçiligimiz hasam gyzyşýar. Gepimiz alyşýar. Özi üçin taýýarlaýan ýönekeýje naharlaryndan şakäsä guýup dadymlyk getirýän pursatlaram bolýar. Menem yzymdan gelýän tagamlary onuň bilen deň-derman paýlaşýaryn.
Şeýdip, gün geçdigisaýy biri-birimize golaýlaşýarys. Ysnyşýarys. Ýöne, ol entegem meni öýüne çagyranok. Çagyrarlam däl. Oglumyň ruhy baradaky gürrüňlerdenem birsyhly sap atyp sypyp ýör.
Tomsuň günüdigine garamazdan bir gije güýçli ýagyş ýagdy. Gök gübürdedi. Ýyldyrym çakdy. Wagty bilenem goýmady. Ýagyn meniň çöp çatmajygymdanam geçdi. Edil inçegöz elekden geçýän ýaly sepeledi durdy. Maňa aşagyma düşeýän köneje keçämiň bir çetini üstüme atyp ýatybermekden başga alaç galmady. Iki gözümem çatmanyň agzynda. Sil suwy jardan çykyp üstüme sürünermikän diýip gorkýän. Şeýle bolsa keçämi başyma atyp şäher ýola tarap

tutdyrybermekden başga alaç ýok. Ýyldyrymyň ýagtysyna çat maňlaýymdaky belent jaýyň gögümtil üçegi, elwan reňke boýalan diwarlary, keseleýin guýan ýagyş damjalarynyň arasy bilen çalaja görünýär-de, derrewem ýitip gidýär. Birdenem aşagym öljerýär. Diýmek, çatma suw giripdir. Men beýleki gyra tarap süýşýärin. Ýygrylyp ýatyşyma hamala ýagyş sagat plança bolanda goýaýjak ýaly sagadyň näçe bolandygy barada oýlanýaryn. Çaltrak daň bir atsady, diýip göwün ýüwürdýärin.
Birdenem çatmanyň agzynda, öňkülerine görä-de has güýjän ýagyş damjalarynyň arasy bilen uzynak, garamtyl göwre göründi. Edil şol wagtam geleniň kimdigini tanatmak üçin ýörite edýän ýaly gök gübürdäp ýyldyrym çakdy. Onuň ýagtysyna Bükdüzowyň galyň äýnegi ýaldyrap gitdi. Goltugynda bir zatlar bar. Başyna brezent atylan. Ol aşak egildi. Ýarpy göwresini çatmanyň içine sokdy. Mähnet kelle üstüme howala boldy.
–Otyrmyň ýa ýatyrmyň?
Ol ýene-de bir zatlar diýdi, ýöne, ýeliň zarbyna mahal-mahal hasam örç alýan ýagşyň şabyrdysy, gögüň gübürdisi bilen hiç zat aňşyryp bilmedim.
Şeýle-de bolsa öýüne äkitjekdir diýen tama bilen ýerimden turmana synanyşdym. Ymykly gürleşmäne maý boldy-ow, diýip begendim. Emma ol:
–Otur, otur! Çykma! Çyksaň beter ezilersiň – diýdi-de, klýonkamy, selofanmy goltugyndaky zatlary alaşakyrdy etdirip çykardy. Açyşdyrdy. Ýazyşdyryp çatmanyň üstüne atyşdyrdy. Şemal äkitmez ýaly uçlaryny şahajyklara daňyşdyrýar. Boldum edeninden soňam egilip çatmanyň içine seretdi.
–Nätdi?
–Öňküden-ä gowlaşdy.
–Bor onda…
Şeýdibem gitdi. Daňdanara ýagyş goýdy. Şondan soň ol ýene-de eli termosly gaýdyp geldi.
–Al, çaý iç, ýogsam sowuklarsyň.
Has ysnyşmak üçin,şondan soň men onuň bilen süýde-de bile gatnap ugradym. Emma öýüniň deňine gelenimizden, birden-kä sowulaýmasyn diýýän ýaly ol maňa tarap gyýa-gyýa bakýar-da, men tarapdaky çigni bilen howany itekleýär. Gürrüňe güýmenip

ýa sagbollaşyp eglenäýsek dagy maňa tarap tutuş göwresi bilen owsun atýar. Şonda men ondan gaýdýan güýçli howa tolkunynyň gelip özüme urulýandygyny duýýaryn. Daş görnüşine seretseňem ol edil basyp oturan ýumurtgasyny ketegiň agzyna gelen adamdan gysganýan towuga meňzeýär. Gökje gözlerini jüýjerdip maňa tarap hüjjerilýär. Garaz, meni öýüne goýberesiniň gelmeýändigi bildirýär. Şol hereketlerinden çen tutsaň, ol hakykatdan-da ilden gizlin uly bir işiň aladasynda gezip ýören bolmaly. Göwnüme bolmasa ol öz öýünde ruhlaryň islendigi bilen gürleşip, islendigini getirip, islendigini ugradyp oturan ýaly. Iň bolmanda onuň şol derejä ýetendigine, islese meniň möhümimem bitirip biljekdigine ynanasym gelýär. Onuň şol ylmy gözlegleriniň üsti bilen oglumyň ruhyny göresim, onuň bilen sözleşesim gelýär.
Bükdüzow welin edil öňküsi ýaly meni öýündenem, şol soraglardanam birsyhly sowup ýör. Menem indi ony gaty bir howlukdyrjak bolup duramok. Herki zadyň öz wagty bardyr, onuňam möwriti geler diýýärin.
Gatnaşygymyz welin hakykatdanam ýygjamlaşýar.
Käte-de çatmada ikçäk otyrkak, söz arasynda gepden-gep çykýar-da:
—Şu ýerde-de günüme goýanoklar. Günde-günaşa üstüme dökülişip durlar — diýip, ol kimdendir birinden zeýrenýär.
Onuň diýýän adamlarynyň telim gezek gelip gidenlerini men özümem gördüm. Özlerem köplenç iki ýa üç bolup gelýärler. Aýratyn belgili, owadan daşary ýurt maşynlaryndan düşüşleri ýaly ýaş göwrelerine gelişmeýän pökgüje garynlaryny gaýşardyşyp, ellerini arkalaryna tutuşyp, daş-töwereklerine ulumsylyk bilen seredişýärler, jübi telefonlaryny çykaryp bir ýerleri bilen gepleşýärler, alymyň özi öýden çykyp garşy alýança, armaturadan ýasalan, ýaşylja derwezäniň agzynda iki-baka köwejekleşýärler, hamala şeýdenlerinde boýlary uzalýan ýaly köwüşlerniň burnuna galyp, men ýaly onda-munda işleşip ýörenlere tarap boýunlaryny süýndürişip seredişýärler. Käte Bükdüzowyň yzyna düşüp onuň öýüne girseler, käte duran ýerlerinde, aýak üstünden ony-muny soraşdyrýarlar-da, derrewem yzlaryna dolanýarlar. Men olaryň kimlerdigini, näme maksat

bilen gelendiklerini güman edýärin.
Olar gidenlerinden soň Bükdüzow hern-ä içini tutup tamyň köçe tarapky kölegesine çökýär. Gidenleriniň yzyndan gyýa garap, başyny aşak salyp oturşyna uludan demini alýar. Şonda, ara daş hem bolsa men onuň göm-gökje gözlerinden çykýan damjanyň galyň äýnegini derledýändigini, dodaklarynyň kemiş-kemiş edýändigini duýýaryn. Onuň halyna özündenem beter gynanýaryn.
Çünki, ol beýik adam. Beýikler bolsa Gurbannazar şahyryň aýdyşy ýaly ýöne, ýere aglamaýarlar. Olar aglasalar ägä bolmak gerek. Dünýäniň gurluşynda bir näsazlygyň bardygy, ony düzetmekligiň zerurdygy barada oýlanmak gerek.
Şolar ýalyda meniň ýüregimi bire baglaga-da onuň ýanyna barasym, şolardan ýaňa ýeke bir oňa däl, hiç kime-de gün ýokdugyny, özümiňem şolardan ýaňa içimiň ot bilen ýalyndygyny aýdyp köşeşdiresim, derdini paýlaşasym gelýär. Emma özüne tarap hyýallananymy gördügi ol turup öýüne girýär we gaýdyp gara bermeýär. Men orta ýolda aňalyp galýaryn. Oňaýsyz ýagdaýa düşýärin. Utanjyma assyrynlyk bilen daş-töweregime garaýaryn.
Ýaňky ýaly zeýrenen gezekleriniň birinde men:
–Gelip gidýänlerinden habarym bar, keýpine gelip gitmeýänlerinem bilýän… Ýöne beýdip oda-köze düşüp ýörerleri ýaly olary näme biynjalyk edýärkä? Bu ýerde siz hiç kim bilen aragatnaşyk etmeseňiz… ylmy tejribeler geçirmeseňiz…–diýdim.
–Dörediji adamyň, alymyň, ýeriň teýinde bolsa-da dek ýatmajakdygyny olar gowy bilýäler. – Bükdüzow meniň ýüzüme seredip köpmanyly ýylgyrdy. – Iki düýp ekine güýmeneniňiz bilen siziňem dek ýatmaýandygyňyzy şolar bilýän däldirler öýtýäňizmi? Bilýäler, ýöne, sizden gorkanoklar. Menden welin gorkýalar.
–Näme üçin?
–Siz hudožnik. Näme çekseňizem çekersiňiz-de çatmaňyzyň burçuna söýär goýarsyňyz. Ol olar üçin gorkyly däl. Sizi çekýän suratlaryňyz üçin däl-de, özlerini öwmeýändigiňiz üçin, şama-şaýyrda goşulmaýandygyňyz üçin ýigrenýärler. Menden welin… – Ol tanyşalymyz bäri ilkinji gezek güldi. Ýöne, hiç kim göräýmesin diýýän ýaly ýeňine bukulyp ogryňça güldi.
–Stalini, Lennini direldip getiräýermikäm öýdüp gorkýarlar.

Çünki, olar entek gyzyl biletlerinem gaty bir daş ýere zyňan däldirler. Golaýrak bir ýerde bukup goýandyrlar. Bir günüň içinde kommunistlikden demokrata öwrülişleri ýaly demokratlykdan kommuniste-de öwrülip bilerler. Ýöne, birden şeýle ýagdaý ýüze çykaýsa, Stalin bilen Leniniň etjek gazabyndan welin bijaý gorkýarlar. Mahlasy bularyň güni kyn.–Soň ol maňa tarap azajyk süýşdi-de, agzyny gulagyma golaýlatdy. –Oýun edýän, ýöne, bilýäňmi, şu giden massiwiň içinde kimde telefon bar?
– Bilemok.
–Mende bar.
–O näme üçin?
–Meni berk gözegçilikde saklamak üçin. Özleri oturtdylar. Haçan jaň etselerem men ýerimde bolmaly.
Onuň açylyşyp ugrandygy meni biçak begendirdi.
–Siz ýeriňizden butnaman otursaňyz olar üçin peýdalymy?
–Elbetde. Sebäbi olar maňa tabşyryk berdiler. Men indi gije-gündiz işläp şolaryň tabşyryklaryny berjaý etmeli. –Alym “ýyrş” etdi. –Bilýäňizmi nähilli tabşyryk?
–Ýok.
Bükdizow maňa golaýrak süýdü-de alkymyma dykylyp, öňküsindenem ýuwaş gepledi. Has dogrusy burnuna salyp gürlerdi. Şonda onuň burnunyň ganatlary gezek-gezegine bir geňsi gymylda-dy durdy. Aşaky ernininiň çep tarapam birsyhly çekdi durdy. Sesi bolsa gowçunan serçäniňki ýaly birsyhly “pyr-pyr” etdi durdy.
–Men olaryň ketdeleriniň bir wagtlar ýok bolup giden ata-eneleriniň ruhlaryny tapmaly.
Alymyň dyzyndan penjelänimi bilmän galypdyryn.
–Ol näme, mümkin zatmy?
–Mümkin, eger-de güýçli enjamlar bilen üpjün edilen tejribehana bolsa. Onda ruhy iki-üç gezek gelip gitýänçä yzarlap bolýar. –Alym uludan demini aldy. – Elbetde, ondan soňam yzarlap bolýar. Beýleki planetalara, beýleki dünýälere gidäýende-de yzarlap bolýar. Ylmy taýdan bu mümkin. Emma birinjiden-ä oňa uzak wagt gerek, ikinjidenem iş tejribäm boýunça men entäk oňa ýetemok. Başaramok. Mümkinçiligim ýok.
–Sizi güýçli enjamlar bilen üpjin edip bilenoklarmy?

—Ýok. Olar diňe buýruk bermäni bilýärler. “Tap” diýýärler. Hemme zat pagta bilen bugdaý planynyň ýerine ýetirilişi ýalydyr öýtýärler. Onsoňam… Ýalňyşmaýan bolsam olaryň maňa beren görkezmelerinden ketdeleriniň özleriniň habary ýok. Çakym-çak bolsa olar oňa “sýurpriz” etjek bolýarlar. —Bükdüzowyň äýnegine çirkeý ýapyşdy. Ol äýnegini aýyrdy. Çirkeýiň eýýäm uçanyny görübem ýaňadan geýdi. —Ýöne bardy-geldi güýçli enjamlar bilen üpjün edip, şol ruhlary tapmak üçin maňa mümkinçilik döredäýenlerinde-de, ol ruhlaryň häzir kim-kimleriň teninde ýaşap ýörendigini Hudaý bilsin! Beýleki dünýäler hakda-ha gürrüň hem ýok welin, men olary birden-kä oppozisionerleriň ýa bendilikde oturan bir jenaýatkäriň teninden tapaýsam nätjek. — Bükdizow myssa ýylgyrdy. — Men-ä ýalan sözläp bilmen, olar bolsa: “Sen şuny bilgeşleýin edensiň, sebäbi sen bize duşman…” diýip meni öňküdenem kyn güne goýarlar. Gözlenýän ruhlary dünýädäki iň bir tanymal, ähli halklar tarapyndan söýülýän, ynsanperwer adamlaryň teninden tapmaga ýa-da asmanyň Ýedinji gatynda, Hudaýyň ýanynda oturandyklaryny ylmy suratda bütin dünýä jar etmeklige mejbur ederler. — Alym ellerini serdi. — Bujagaz enjamlarym bilen men diňe asmanda synag geçip ýören ýa-da ýaňy-ýakynda yzyna dolanan ruhlary yzarlap bilýän. Has takygy ýogalanyndan soň alty ýüz altmyş alty güne çenli yzarlap bilýän.

Men köpden bäri sorajak bolup ýören soragymy dile getirdim. Oglumyň ýogalanyna-da bäş ýüz kyrk gün bolandygyny aýtdym. Mümkin bolsa kömek etmegini haýyşt etdim.

Alym köp wagtlap aşak bakyp oturdy. Içini hümletdi. Gözlerini ýumjuklatdy. Äýnegini bir aýyrdy, bir geýdi. Soňam ýüzüme seredip nebsiagryjylykly ýagdaýda aşaky ernini bir tarapa gyşardyp turşumtyk ýylgyrdy. Özem şeýle bir ýuwaş gepledi welin, aýdan sözlerini eşitmek üçin men oňa golaýrak süýşmeli boldum.

—Şol gürrüň şähere ýaýran badyna distansiýa boýunça siziň ogluňyzyň karmasyna seretdim. Ol öňki ömürlerinde birnäçe gezek beýleki dünýälerde ýaşapdyr. Beýleki dünýälerde ýaşap gelýänleriň nä günlere düşýändiklerini bolsa men size öň

aýdypdym. Onuň näme üçin bu dünýäde özüne jaý tapman iki ýana elewrändigine hakyky söýgüni gözläp çar tarapa urunandygyna indi siz düşünersiňiz. Biziň dünýämiziň häzirki zamanasynda siziň ogluňyzyňky ýaly söýgi örän seýrek. Hakyky söýgi bu wagt geň görülýär. Ähli zatlara geldi- geçer garalşy ýaly, oňa-da ähtibarsyz zat hökmünde garalýar. Şonuň üçinem ol bu dünýä sygmady. Gitdi. Onuň ykbaly keç, çylşyrymly boldy. Ýöne, ol hiç haçan, hiç zady Hudaýdan ýokary goýmady. Goý, namazlygyň üsti bilen, Krişnanyň üsti bilen, goý öz päkize söýgüsiniň üsti bilen bolsun Hudaýy gözledi. Ahyram hiç kimden haraý tapman özüni Hudaýa tabşyrdy. Bu dünýäde geçmedik amanat harydyny eýesine gowşurdy. Sebäbi, ol özüni bu dünýede ýalňyz duýdy. Siz ýaňy ol asmanyň, Aýyň, ýyldyzlaryň, Günüň suratyny çekmäni gowy görýärdi, diýdiňiz. Elbetde! Ol özü-de bilmezden özüniň öňki mekanyny ýatlapdyr. Şoňa ymtylypdyr. Ýogalan wagty baradaky salgyňyzdan çen tutsak, ol häzir asmanda. Synagdan geçip ýör. Haýsy tarapa ugur aljakdygy belli däl. Şonuň üçinem, dogrudan-da ony yzarlamak gerek. Ol meni alym hökmünde-de, ylmy obýekt hökmünde-de has irräkden bäri gyzyklandyryp gelýär. Ýöne, men muny size aýtmana çekinýärdim. Ýürek ýaraňyzy gozgaryn öýdüp gorkýardym. Özüňiz şo barada gürrüň agzasaňyz bozularsyňyz öýdüp gürrüňi başga ýana sowýardym ýa bir bahana bilen turup gidýärdim. Ine, indi özüňiz ýol açdyňyz…

Men hamsygyp oturşyma çatmanyň agaç haçjasyndan asylgy melemtil polotensam bilen ýüz-gözlerimi süpürişdirdim.

–Howwa, dogry şol. Menem size aýdyp bilmän ýördüm. Her gezek soňyny diňlemän turup gideniňizde ýüregim sogrulan ýaly bolup galýardym. Sebäbi, çagajygymy çaltrak göresim gelýärdi…

–Düşünýän, düşünýän. Aňýan. Aňsat däldir. Kyndyr. – Onuňam gözleri çygjardy. Bokurdagy doldy. Yzly-yzyna ýuwdunanda ep-esli çykyp duran damak ýumrusy birnäçe gezek aşak ýokary gatnady. – Hälem bolsa bir pille. Wagtynda açylyşdyk. Düşünişdik. Men indi ähli güýjümi siziň şol haýyşyňyzy bitirmeklige gönükdirjek.

Şol wagtam uly ýol tarapdan çal reňkli, alym ikimize-de öňden tanyş bolan “Mersedes” peýda boldy. Maşyn gaty gurat bor-a

çemeli, tigirleriniň aşagyndan zyňylyp çykýan owunjak çagyllaryň “şatyrdysyndan” başga ne motoryň sesi, ne-de üýtgeşik bir “takyr-tukur”, hiç zat eşidilmeýärdi.
–Ýene geldiler-ow – diýip, alym nägile halda seslendi-de, öýüne tarap göwünli-göwünsiz ädimläp ugrady.
Oňa çenlem maşyn biziň deňimizden geçdi-de, Bükdüzowyň jaýynyň deňinde saklandy. Maşyndan düşen üç sany gögele oglanyň bir-ä ur-tut derwezäni ýumruklamana başlady, beýlekisem şol bir endigine görä bir gyra çekildi-de, jübi telefonyna ýapyşdy, üçünjisi balagynyň ýasy kemerli çermegini pökgüje garnynyň üstüne çekjek bolup “has-has” edip durşuna, goňur reňkli ýalpyldap duran köwşüniň burnuna galyp, daş-töweregine göz aýlady. Bükdüzowyň özlerine tarap barýanyny görendenem derwezäni kakyp duranyň ýanyna bardy. Bir zatlar diýdi. Şondan soň olaryň ikisem ilki eginlerini sallap barýan Bükdüzowa, soňam onuň üstaşyry maňa tarap siňe-siňe seredişdiler. Öz aralarynda bir zatlar diýişdiler.
Alym baryp olar bilen sowul-sala salamlaşdy. Sypaýyçylyk üçin öýüne çagyrdy. “Çaý içeliň”, diýdi. Üçüsi bir wagtyň özünde: “Aý ýok, çaýlaşyp oturmalyň” diýenlerinden soň, olar Bükdüzowam alyp jaýyň aňry ýüzüne gapyly, eýwanly tarapyna geçdiler. Şondan soň men olaryň näme hakda gürrüň edenlerinem eşitmedim, näme bilen meşgul bolandyklarynam bilmedim. Megerem olar Bükdüzowdan öz baştutanlaryny haçan begendirip biljekdikleri barada sorap, ondanam oňyn jogap alyp bilen däl bolsalar gerek, ýarym sagatdan soň üçüsem ýüzlerini sallaşyp çykdylar. Olaryň yzy bilen Bükdüzowam çykdy. Edil öňküleri ýaly içini tutup kölegä çökdi. Ýumjuklap duran gözlerini maşyna münenlerinden soňam özüne bakyp, kä “hoňňuldaşyp” kä haýbat atyşyp oturan myhmanlaryna tarap dikdi-de, üzlem-saplamraga-da:
–Her kim öz işi bilen bolsun… Sizem öz işiňiz bilen boluň, menem öz işim bilen bolaýyn…Meň işim bilen siziň işiňiz bolmasyn… – diýdi.
Myhmanlar ajy ýylgyryşyp oturyşlaryna ýerli-ýerden:
–Biziňem işimiz-dä şü, ýaşuly… – diýişdiler-de, ur-tut ugramak bilen boldular. Entek maşyn ýerinden gozganmanka telim gezek

aýlanan yzky tigirleriniň aşagyndan syçrap çykan çagyl owuntyklary dumly-duşa pytrady. Olaryň birki sanysy baryp Bükdizowyň aýaklarynyň aşagyny tozadyp goýberdi. Ýöne, şol daş owuntyklary baryp alymyň ýüz-gözüne degäýmegem, ony ýeňlirägem bolsa ýaralaýmagam ahmaldy.

Bükdüzow olaryň yzyndan seredip kölegede köp oturdy. Kimdendir birinden haraý gözleýän ýaly töweregine garanjaklady. Ýerinden turdy. Maňa tarap hyýallanan ýaly etdi-de, aýaklary diýen etmedimi, nämemi ýane-de aşak çökdi. Meniň özüne tarap ýönelenimi görende öňküleri ýaly düýrükmedi. Gaçgaklamady. Howany itermedi. Gaýtam begendi. Bedenindäki ahli duýgulary, mähri bilen meni özüne çekdi.

Ýanyna baranymdanam aşagynda hiç zat ýokdugyna garamazdan maňa düşekden ýer berýän ýaly:

—Gel, geç, otur… — diýip, bir gyra süýşdi. Derrewem içini döküp başlady. — Edil, gabanjaň heleý ýaly ölüp-öçüp barýalar.

—Ýene-de howlukdyrdylarmy?

—Howlukdyranlar-a hiç welin, sen biziň buýran ýumşumyzy bitirmän näme iş edýäň, diýip gyssaýarlar.

—Sen diýip gepleşýälermi?

—Howwa, Sen diýip gepleşýäler. — Alym ajy ýygyrdy. — Edil özleri dogran ýaly… Daşary ýurt radiolary sen barada gepleşikler berýäler, ylmy işleriň bilen gyzyklanýalar. Kimden alýar olar şolar ýaly maglumatlary? Ýa özüň iberýäňmi, ýanyňa gelip gidýälermi ýa daşary ýurtlardaky türkmen oppozisiýasy bilen aragatnaşyk saklaýaňmy, syýasata goşuljak bolýaňmy, diýýäler. Menem aýtdym, eger-de şu ýagdaýda-da şolar bilen aragatnaşyk saklap bilýän bolsam, onda bu siziň gowşak işleýändigiňiziň alamatydyr diýdim.

—Näme diýýäler şeý diýseňiz?

—Gaharlary gelýä. Öler ýaly gaty görýäler. Aýlanyp-öwrülibem kagyzlarymy dörjeleýäler. Siz hakda-da soradylar. Adyňyzy aýdanymdan soň: “Hä-ä, bilýäs, tüýs deňiňi tapypsyň” diýip hüňňürdeşdiler. Bolmasa birazrak çekeräk duruň. Dogrusyny aýtsam özümiň-ä ilden gaçgalaklap ýörendigimiň sebäbi şol. Birden, men zerarly ile bir gep geläýmesin, diýýän.

Bükdüzowyň myhmanlary dogrudanam tanaýan, bolmaly. Çünki,

“Heýjanelege” goşulmaýandygym üçin başda olar menem öýümde arkaýyn oturdanokdylar. “Näme üçin Prezidentiň suratyny çekeňok, syýasaty goldaňok, ýa sen garaşsyzlygyň gazanylanyna garşymy” diýşip üstüme dübleşýärdiler. “Seň çotgaňam kütek, ýüregiňde bolsa döredijilik joşguny ýok” diýip gyjalat berýärdiler.
Men bu zatlar barada Bükdizowa gürrüň berjegem bolmadym-da:
–Näme, öýüňizi dökdülermi? – diýip, soradym.
–Öýi öň döke-döke bizar boldular. Hiç zat tapyp bilenoklar. Meniň çyzgylaryma, ylmy belliklerime, ýazgylaryma bolsa düşünenoklar. “Munyň nämeden” başga zady bilenoklar. Bu zatlaryň nämedigini düşündirmek üçin men sizi elli ýyllap okatmaly, diýäýsem dagy öňkülerindenem beter gaty görýäler. Käte ähli kagyzlarymy goltuklap alyp gidýärler-de, kimdir birine görkezip gelýäler. Belli bir zat diýmänem taşlap gidýäler. Men ýöne olara orginallarynmy beremok. Kopiýa edip berýän. Gaýtaryp getirmezler ýa bilgeşleýin ýitirerler öýdüp gorkýan.
–Gowy edýäňiz. Arada şeýdip bir ýazyjynyň tutuş romanyny ýok etdiler-ä. Ýogsam şonuň içinde syýasata degişli zadam ýok ekeni.
–Ýazyjam, alymam, asla hiç kimem öz ýurduna ikilik etmez. Kesek atmaz. Halkyna ýamanlyk islemez. Edibilse ýagşylyk eder. Ýöne, kimdir biriniň öz halkyna etjek bolýan ýagşylyklaryna öz garşylyklaryna edilýän, ýamanlyk diýip düşünişleri keçje. Gyzzy-gyzza gelende welin, olaryň Watana bolan yhlaslary ikimiziň ýarymyzça-da bolmaz. Edil jyn dagan ýaly dagarlar. Şu wagtky götergileýän adamlarynyň özünem, onuň alyp baran ýolunam ikimizden öňürti ýamanlap başlarlar. – Alym ýerinden turdy-da, meniň golumdan ýapyşdy. – Bärik geliň! – Ol meni jaýynyň maňlaý tarapyna geçirdi. Ululy-kiçili, käbirleri tegelek, käbirleri dörtburç, käbirleri bolsa guşuň ganaty ýaly gerlip duran antenalary, käsiniň daşy izonirlenen, käbirleriniňki ýalaňaç, terslin-oňlyn çekilen simleri görkezdi. – Ine, indem jynlary şulara düşüpdir.
Birinji gezek görşüm bolansoň o zatlar maňa-da diýseň geň göründi. Şonuň üçinem, agzyma gelenini aýdyp goýberdim.

—Beh, edil düş-düşüň kerebi ýaly ekeni-aý…
Alym sypaýyçylyk bilen zoraýakdan ýylgyrdy.
—Olaram şeý diýýäler. R-ras, biziň buýrugymyzy berjaý edip bilmediňmi, başga işem etme, düýbünden goý şu hysyrdylaryňy, ýok et şu düşdüşiň kerebi ýaly zatlaryňy, ýogsa-da özümiz ýok ederis, diýýäler. Bir edara ýerleşdireli welin, aýlyklyja işde işläber, hem-ä egin-eşigiňi düzedersiň, hemem sowuk nany sogan bilen iýip ýörmeden dynarsyň, ýyljak nanyň ýüzüne mesgejik çalyp iýersiň, diýýäler. Bu gün-ä basym bu ýerleriniň ýykylaýmagynyň ahmaldygyny aýdybam heşelle kakyşdylar… "Ýene iki günden bu akyr-ukyrlaryňy dykara deşigem tapmarsyň" diýdiler. — Henizem golumdan tutyp gelşine alym meni öýüne saldy. — Men indi size bar zady bolşy ýaly beýan edeýin. Ýaňkylaryň ýykmak, ýumurmak baradaky gürrüňleri çyn bolup çykaýsa dagy edenje emgeklerim reýgan bolmasyn…
—Ýakymsyz gürrüň bolsa çyn bolup çykaýgyçdyr öz-ä.
—Dogry aýdýaňyz. Şonuň üçinem, meniň hakykatdan-da bir zatlar edendigimi iň bolmanda bir adam bir bilsin. Men indi size ynanýan. Ilkibaşda az-owlak çekinýädim, emma indi ynanýan.
Alymyň hederlenmesi ýöne ýere däldi. Çünki, ýykgynçylyk o döwür ýeke bir aramgählerde däl, paýtagtyň öz içinde-de esli wagt bäri dowam edip gelýärdi. 1948-nji ýylyň ýer yranmasyndan galan ýa şäheriň görküni bozup oturan horaşaja jaýlar hakda-ha gürrüňem ýok welin, üstünden ýol düşýär, bag düşýär, gurluşyk düşýär bahanasy bilen hatda taryhy ähmiýeti bolan döwlet jaýlaram, ýadygärlik binalaram, heýkellerem ýykylýardy. Ýumrujylar kä şähere, kä aramgählere gezek-gezegine hüjüm edýärdiler. Şun-a ýykmana dözmeseler gerek, diýen jaýyňam kun-peýekun edýär gidiberýärdiler.
Bükdüzow ikimiz ýalylaryňkyny bolsa olar höwes bilen ýykýardylar. Ýykylan jaýlary üçin baýlar-a gaty bir gynanybam durmaýardylar, sebäbi, birinjiden-ä olaryň olar ýaly mülkleri, aramgähleri bir ýa iki däldi, ikinjidenem ýykylany ýaly jaýy olar islendik ýerden, islän wagtlary gurmana gurplary ýetýärdi. Bar gowga garyp-gasarlaryň başyndady. Çünki, şojagaz, horaşaja jaýjagazlary salmak olara baýlaryň läheň köşklerinden agyr düşýärdi. Ony ýykýançylaram gowy

bilýärdiler. Kimiň haýsy ýeriniň has wawwalyrakdygyny her kesiň özünden öňürti aňýardylar. Mysal üçin şujagaz hütdüjegi ýykylsa Bükdizowyň hakykatdan-da girere deşigi ýokdy. Aýdyşlaryna görä onda hiç-hili dogan-garyndaş, ogul-gyz aýal ýok. O zatlar onda asla bolmandyram. Şäherdäki bir otaglyja jaýynam satyp şu wagtky görünýänje iş enjamlaryny satyn alypdyr. Şonuň üçinem ol:
–Şu töwerekde bir jaý ýykylmaly bolsa öňi bilen gelip meňkini ýykarlar – diýip ýangynly seslendi. Ýöne ejizlemedi. Kükregini gaýşardyp durşuna ýumruklaryny salgap diýseň merdemsi gürledi.
– Adamzat kompýuter diýip bir zat oýlap tapypdyr, ine, şol örän gowy zat… – Oňa çenlem biz koridora girdik. Alym ol ýerde kän eglenmedi-de, meni içki jaýyň gapysyna eltdi. –Giriň…
Girdim. Içine göz aýladym. Jaýyň daşynda antennalaryň dürli görnüşleriniň bolşy ýaly, içeri hem dürli kompýuterlerden, printerlerden, telewizorlardan we başga-da maňa näbelli bolan birgiden enjamlardan doly. Olaryň münderilgi duranlaram, ýanaşyk duranlaram, daşy izolirlenen sary, gök, gyzyl, ýaşyl reňkli, inçeli-ýogynly kabeller bilen biri-birine çatylanlaram, çatylmadyklaram bar.
Kompýuterleriňem, telewizorlaryňam ekranlary, daşy arassa. Umuman, hemme enjamlaram arassa. Häli-şindi yhlas bilen syrylyp-süpürilip durlandygy bildirýär. Olaryň käbirleri işläp dur. Ýüzünde bolsa her hili çyzyjyklar, tablissalar dürli ululykdaky nokatjyklar, dürli görnüşdäki geometrik şekiljagazlar, arifmetiki alamatlar, sanlar, kä görnüp kä ýitip bir zatlaryň hasabyny çykaryp dur. Käbir şekiller bolsa ýa-ha butnaman dur, ýa-da wagtal-wagtal daş keşbini üýtgedýär.
Käte bir sykylyga meňzeş inçejik “şuwwuldy”, “Jagyr-jugur”, güwwüldi, “Şytyr-şytyr” eşidilýär diýýäýmeseň enjamlardan ses-üýn çykanok. Faks enjamyndan çykýan uzyn çyzyklar, dürli sanlar, kä krillisada, kä ýaponmy, hytaýmy, hindimi üýtgeşik elipbiýde, köplenjem latyn elipbiýinde ýazylan hatlar peýda bolýar. Gadymy arameý, runiki ýazgylaram görnüp gidýär.
Kagyzyň gyrasy deşijeklerden doly. Äpişgäniň öňünde çekersiz, tumpoçkasyz horja stol, onuň üstünde-de telefon, çaşyşyp ýatan kagyz-galam, bir burçunda bäş-on sany galyň kitap münderilgi

dur. Burçunda bäş şahaly turba sütünli asawaç. Ondan ýekeje köýnek bilen çermegine deşikleri ýirik, ýüzi ýaryk-ýaryk gyzylymtyl gaýyş kemer ötürilgi köneje, ak çylgymly çal balak asylgy. Ol balagy Bükdüzow megerem, bir wagt äpişgelerini, gapysyny reňklände geýen bolsa gerek, gonçlary henizem ak reňkiň gatap galan syçrantgylaryndan doly.
Işigiň çat maňlaýynda bir wagtlar modadan galan aýnaly, sary şifoner. Alymyň ýüze tutarlyk näme geýim-gejimi bar bolsa şonuň içinde bolmaly. Şifoneriň üstünde birküç sany ýorgança eplengi. Olaryň üstündenem iki sany dört burç, içine pagta dykylan dükan ýassygy hatara goýlan. Olaryň üstüne-de gowy edip eplenen ak zolakly, gök reňkli, ýumşak odealo atylan. Onuň täzeligi galan zatlaryň köneligini hasam gözeilginç edip görkezýär. Käte tok öçen wagty ulanýan bolsa gerek, eplengi düşekleriň aňyrsyndan kerosin bilen ýanýan, onluk çyranyň çüýşesi görünýär.
Äpişgäniň garşysyndaky ýüzüne dünýä kartasy kakylan diwaryň öňünde sary gaçanrak, ortasy çöken, goňrumtyl ýaşyl reňkli diwan dur. Alymyň şol diwanda ýatyp turýan bolmagy mümkin, çünki, jaýyň içinde şondan başga biliňi ýazara ýer ýok. Diwanyň öňünde kiçijik stoljagaz dur. Stoljagazyň üstünde çäýnek, maňa gaýnak suw gatnadýan termos we bir sany gyrasy gädik gök gülli käse dur. Stoluň başynda köwüş ussahanalaryndaky ýaly üstüne atanaklaýyn gaýyş zolaklary çekilen, gök reňklije arkalyksyz tagta oturgyç. Stoluň gapdalynda ýene bir oturgyç bar. Men ony görenimden tanadym. Meni bejerip ýörkä Bükdüzow öýünden getirip şonuň üstüne çykypdy. Jaýyň içinde düşelgi keçe ýa haly ýok. Asyl-ha düşek düşäre ýer ýok. Jaý dar. Esasanam şol ýerde oturyp işleýän bora çemeli, iň uly kompýuteriň öňünde kreslo meňzeş, arkalygy uzyn kürsi dur. – Alym jaýyň içindäki komputerlere tarap elini aýlap goýberdi.
–Görýäňizmi şulary? Şularyň hersiniň içine müň tamlyk maglumat sygýa. O zatlaram diskede geçirip ýygnap goýup bolýa. Jaýymy ýykanlary bilen olar meniň eden işlerimi ýok edip bilmezler. Disketlerimi bolsa men bireýýäm ýygnap goýdum.
–Ýok, diýseňizem enjamlaryňyz-a ýeterlik ýaly-la, Galandar

Saryjaýewiç.

–Ýok, ýeterlik däl. Iň ýamanam güýçli däl. Köne. Bu zatlar bilen men etjek bolýan işlerimiň ondan birinem edip bilemok. Bular könelişendigi üçin ýerine täzesi alnyp arzan bahasyna satylýan enjamlar. Ýöne güýmenje bolýa. Ýagdaý şeýle bolansoň esasan teoriýa bilen iş salyşmaly bolýan. Ýöne, olaryň niýeti meni şujagaz mydarymdanam aýyrmak. – Ol meni kompuýuteriň öňündäki kürsüniň üstünde oturtdy. Özem üstüne gaýyş çekilen oturgyja çökdi. Alkymyna dykylyp ýüzüme dikanlady. Şonda onuň äýneginiň içindäki suratymy görüp gorkdum. Çünki, ol ýerde meniň maňlaýym giň, eňegim çüri, burnum uzyn, ujam tommaý göründi. Gözlerim bolsa ýüzümiň gylla ýarysyny tutup dur. Şonuň üçinem bir gyra çekiläýenimi kem görmedim. Ol bolsa ýagdaýymdan bihabar, ýene maňa tarap süýşdi. – Indi men size syrymy açaýyn. Çünki, sizem men ýaly özüni nirä urjagyny bilmän ýören adam. Üstesine durmuşam agyr siltedi. Derdiňiz çökder. – Alym ýerinden turdy-da, sag egnindäki “şyg-şyg” edip duran kompýuteri öçürdi. Başga birini bolsa işledip goýberdi. Faksdan çykyp duran kagyzyň towuny açyp ýüzündäki alamatlara seredişdirdi. Soň ýene-de meniň alkymyma dykyldy. – Howwa, men ruhlar bilen iş salyşýan. Ýöne, köpleriň pikir edişi ýaly gije-gündiz olar bilen ala-goh bolşup oturamok. Asylam olarda ses-üýn ýok. Sebäbi olarda ten ýok. Bar, ýöne ruhy ten. Gepläp bilenoklar. Ähli zat duýgy arkaly amala aşýar. Ýöne, real zat. Hakyky. Biz oňa “jan” diýýäris. Ten jan üçin gan bolup hyzmat edýär. Jan çykanda ten boşap galýar. Ol ýere gömülýär. Çüýreýär. Ruh bolsa ömrüni dowam etdirmek üçin asmana gidýär. Adam uzak ýaşap öz ölmi bilen ölse ten gynanmaýar. Çünki, ol oňa kaýyl. Ähli mümkinçiliklerini sarp edip boldy. Garrady. Ýaş ölse welin gynanýar. Çünki, ol öz mümkinçilikleriniň hemmesini ulanyp ýetişmedi. Onda entek ýaşara güýç, kuwwat bar. Öýjükleriň, agzalaryň köpüsi sagat. Tenden çykyp giden jan ýedi gat asmanyň synagyndan geçýär. Şol ýerde onuň indiki ykbaly kesgitlenýär. Ýagny, haýsy ruh haýsy asmandan yzyna gaýdýa, haýsy ruh älem-jahan giňişligindäki beýleki dünýelere gidýä, haýsysy ähli synaglardan geçip Ýedinji asmana çykýa, haýsy biri indiden soň derege ýaramajak ruh hökmünde

Allatarapyn ýyrtylyp, ýok edilip zyňylýa, bularyň barysy şol ýerde belli bolýa. O zatlar bolsa onuň bu dünýede özüni nähili alyp barandygyna, has takygy ekzameniň netijesine bagly. Men ine, şo zatlaryň üstünde işleýän. Ruhyň asman basgançaklary arkaly ýokary çykyş we yzyna gaýdyş ýoluny kesgitläp bilýän. Islendik adamyň haýsy asmandan nähili günälere görä yzyna gaýtarylandygyny, haçan, nirede, kimiň teninde täzeden doguljakdygyny ýa ähli gatlaklardan geçip Ýedinji asmana çykandygyny, Allanyň dergähine barandygyny anyklap bilýän. Olary aýratyn bir diske geçirýän, kartoteka ýöredýän.
—Siz bu derejä nädip ýetip bildiňiz?
—Men göze görünmeýän dünýäniň efir tolkunlaryny tapdym.
—Göze görünmeýän dünýäniň?
—Howwa.
—Beýle-de dünýä bamy?
—Bar. Allatagalla her dünýede iki dünýä ýaratdy. Biri göze görünýän dünýä, ýagny biziň şü, görüp ýören dünýämiz, beýlekisi göze görünmeýän dünýä. Ýagny, perişdeler dünýäsi. Ruhlaram tenden çykanlaryndan soň şol dünýä geçýärler we şonda hereket edip başlaýarlar. Ol dünýäni Biribar biziň dünýämizdenem öň ýaratdy.
Dünýäleriň göze görünmeýşi ýaly, ondaky perişdeleriň özlerem göze görünmeýärler. Sebäbi olarda ýaňky aýdyşym ýaly ten ýok. Ruhda-da ten ýok. Şonuň üçinem o-da göze görnenok. Şol ýerde Allatagala oňa ruhy ten berip ýene-de bu dünýä iberýä. Ol welin şonda-da göze görnenok. Tä tenden çykýança ynsanyň gursagynda ýatýar. Bir gowy iş etseň begenýänem, erbet iş etseň gynanýanam şol. Hudaýa mynajat edýän wagtyňam hereket edýän göwräňdir, eliňdir, aýagyňdyr, emma şatlanýan welin ruhyňdyr. Bu bolsa göze görünýän we görünmeýän iki dünýäniňem Allatarapyn aragatnaşykda bolýandygynyň alamatydyr. Men ana, şol göze görünmeýän dünýäniň efir tolkunlaryny tapdym.
—Biz-ä dogrusy o zatlar häki bir hyýaly zatlardyr öýdüp ýördük.
—Ýok. Hyýaly däl. Dini kitaplarda aýdylýan zatlaryň hemmesi dogry. — Meniň durşum bilen gulaga öwrülenimi görüp Bükdüzow hasam gyzyşdy. — Göze görünmeýän dünýäniň bardygyny subut

etmek üçin men size öz bilýän zatlaryňyzdan ýönekeýje mysal getireýin. Ine, iň bärkisi alyp göreliň siziň dem alýan howaşyzy. Görünýämi? Ýok! Emma ol bar! Suw, nan we beýleki zatlar göze görünýä, emma ol görnenok! Ýöne, şonsuz oňubam bolanok. Ýa-da togy alyp göreliň. Ol häzir bütin dünýäniň gany-damary bolup hyzmat edýär. Siwilizasiýanyň sütüni. Emma göze görünmeýär. Atomlary, malekulalary, ýadrojyklary, neýronlary hem görüp bilýän dälsiňiz. Emma olaryň näme-nämelere ukyplydyklaryny özüňiz gowy bilýaňiz. Ýa-da radiony, telefony, telewidenýäniň alyp göreliň. Siz öýüňizde oturan ýeriňizde ýeriň ol ujyndaky adam bilen gepleşip bilýäňiz, radiony diňleýärsiňiz, telewizora seredýärsiňiz, emma onuň nädip gelýänini görmeýärsiňiz. Şekil, ses welin gelip dur. Bu adazadyň göze görünmeýän dünýä aralaşyp ugrandygynyň alamatydyr. Ol onuň belli bir bölegini öz dünýäsine getirdi. Indi bolsa onuň özi şol dünýä baryp görmäne ymtylýar. Eger ruhy taýdan kämilleşse, onuň şoňa mümkinçiligi bar. Ýöne… – Bükdizow sag eliniň süýem barmagyny dik ýokary çommaltdy. –… göze görünmeýän dünýäni beýleki dünýäler bilen garyşdyrmaly däl.

–Otuz üç dünýä diýeniňiz bilenmi?

–Howwa. Olaram edil biziň dünýämiz ýaly göze görünýän dünýäler. Diňe hersiniň mekany başga. Göze görünmeýän dünýä welin olara-da degişli. Çünki, her bir göze görünýän dünýäniň çäginde onuň öz göze görünmeýän dünýäsi bar. Umuman, göze görünmeýän dünýäsiz dünýä ýok. Göze görünýän dünýäsiz hem göze gürünmeýän dünýä ýok.Allatagala olaryň ikisinem ugurdaş alyp barýar. Şeýle hem ol ähli dünýäleri kybapdaş ýaradýar.

–Diýmek onda siziň tapan efir tolkunlaryňyzda perişdelerem barda?

–Bolmaly. Ýöne meňki entek köp babatda teoriýa. Ylmy gözleg. Barlag. Çak edýän zatlarymyň köpüsini entek tejribe arkaly görüp bilemok. Onuňam sebäbi öňki aýdyşym ýaly maddy we fiziki mümkinçiligim ýok. Mümkinçiligim bolsady, onda men kimiň haýsy egninde haýsy perişdäniň oturandygynam görkezerdim. Hatda suratynam alyp bererdim. Olaryň hakykatdan-da adamlaryň günä-sogaplaryny hasaba alyp oturandyklaryny, hiç kimiň hiç

haçan sorag-jogapdan sypmajakdygyny subut ederdim. Bu adamzadyň gelejekde ruhy taýdan kämilleşmegi, Hudaýy tanamagy üçin uly goltgy bolardy.
–Siziň tapan tolkunlaryňyzda ruhlary yzarlamak, perişdeleri görmekden aňsatmy?
–Aňsat zat ýok. Ýöne, ruhyň göze görünýän dünýä bilen biologiki arabaglanyşygy bar. Ol ten bilen bu dünýä gelýär we onlarça ýyl şu dünýäde onuň bilen hemra bolup ýaşap gidýär. Şonuň üçinem, gowy görüşýän adama: “Bir tende bir jan ýaly” diýýändirler. Ruh teni ýeke bir herekete getirmän, eýsem onuň hakydasy bolup hem hyzmat edýär. Tenden çykyp gideninden soňam ol bu dünýä bilen gatnaşygyny ýitirenok. Başga bir ten bilen ýene gelýär. Şeýlelikde, häzirlikçe meniň obýektim diňe zemin bilen ýedi gat asman aralygy. Ýagny, ýedinji gata men çykyp bilemok. Şol sebäplem ondan aňyrda näme bardygyny bilemok.
–Ýedi gat asman diýilýänem onda hakyky bar zatda?
–Elbetde.
–Ol edil Magtymgulynyň suratlandyryşy ýalymy?
Bükdüzow okuwçysyndan sapak soraýan mugallym ýaly arkan gaýyşdy-da, ýüzüme çiňerildi.
–Bilýäňizmi Magtymguly näme üçin beýik?
–Ol Kurany terjime edipdir.
–Dogry. Ol özüniň çeper goşgulary arkaly Kuranyň mazmunyny öz halkyna ýetiripdir. Ýedi gat asmany hem edil Kurandaky ýaly suratlandyrypdyr. Ýöne, ýedi gat asman baradaky düşünje öz gözbaşyny iňňän gadymy döwürden, hindi Wedalaryndan alyp gaýdýar. Ondan soňky dörän dinlerem hususan şoňa daýanýarlar. Şeýle-de bolsa, öz taglymatlaryny işläp düzenlerinde olaryň hersi her asmana özleriçe at, reňk, sypat, perişde, eýe beripdirler. Ýöne, gep onda däl. Gep şol dinleriň hemmesiniňem ýedi gat asmany real zat hökmünde kabul edendiklerinde. Onuň ylmy esasly zatdygyna, ruhyňy kämilleşdirmek, kalbyňy arassalamak arkaly onuň bilen aragatnaşyga girip boljakdygyny ykrar edendiklerinde. Şeýle düşünjäni bize peşgeş goýup gidendiklerinde…
–Men siziň bilen doly ylalaşýan.
–Ýok, siz entek meň bilen ylalaşmaň.

—Näme üçin?
—Ine, men size her asmanyň öz ýerine ýetirýän funksiýalary barada gürrüň bererin, olary ýeke-ýeke görkezerin welin, şondan soň ylalaşaýsaňyzam bolar. — Häzir alymyň keýpi gowy. Ol öz işiniň berýän lezzetine humar. Iň bolmanda bir adama öz ýeten ylmy derejesini düşündirip bilýändigi üçin begenýär. Ol towsup bardy-da, jaýyň içindäki iň uly reňkli telewizory açdy. Ony iň uly kopýutere çatdy. — Üns bilen serediň! — diýdi-de, kompýuteriň üstündäki týuneri elindäki pult arkaly işledip goýberdi. Ekranda her dürli owadan reňkler peýda boldy. — Ine, serediň! Birinji asman şü. Munuň ady Efir. Görşüňiz ýaly bu köp reňkli. Eneden bolandan soňky üç günüň içinde çaganyň ruhy kanallary şu asmana çatylýar. Diýmek, täze doglan çaga üç günden soň tutuş jümle-jahan bilen aragatnaşyga girýar. Maglumat alşyp başlaýar. — Ol ýene-de pultyny işletdi. Ekran durşy bilen sary reňke boýaldy. — Bu ikinji asman. Muňa Astral asman diýilýär. Reňkinem görüp dursuňyz. Täze doglan çaganyň ruhy kanaly muňa 4-9 günlük döwrüniň dowamynda çatylýar. Ol ýerde onuň uzak ömründäki etjek isleg-arzuwlary ýazylýar. Şol döwrüň içinde çaga kiçi çileden çykarylýar. Ine, bu-da üçinji — Mental asman.
—Ýaşyl.
—Dogry. Munda adamyň ömürboýy edýän oý-pikirleri ýazylýar, akyl derejesi kesgitlenýär. Muňa täze doglan çaganyň ruhy kanaly 10-40 günüň dowamynda çatylýar. Şol döwrüň içinde çaga uly çileden çykýar. — Telewizoryň ekrany birden-kä goýy gök reňke boýaldy. — Ine, bu-da dördünji asman. Ýagny, Karma — täleý asmany. Çaganyň ruhy kanaly şuňa, 41-114 günüň dowamynda birikdirilýär. Munda ykbal ýazgysy ýazylýar. Ruh näçe ýaşady? Ýaşan ömründe näme döretdi? Nämeleri başdan geçirdi? Ana, şo zatlar. — Bükdizowyň pultly eliniň çalarak gymyldamagy bilen ekranyň goýy gök reňki açyk gök reňke geçdi. — Bu asmana Intuutiw asman diýilýär. Hasap boýunça bu bäşinji. Munda adamyň içki duýgulary ýazylýar. Çaganyň ruhy kanallary şuňa doglandan soň 115-146 günüň içinde çatylýar. Ine, bu-da altynjy asman. Nirwan.
—Munuň reňki iki-le?

—Howwa. Mawy we goňur. Munuň näme üçin beýledigini men soň aýdaryn. Bu ýerde iman ýazgysy ýazylýar. Çaganyň ruhy kanaly muňa 147-666 günüň dowamynda çatylýar. Şondan soň Ýedinji asman bolmaly. Oňa Absolýut asman diýilýär. Iň gowusy şol. Ýöne, ýaňky aýdyşym ýaly men oňa ýetip bilemok. — Şondan soň ol kompýuterinem, telewizorynam öçürdi. — Ölenden soňam adamyň ruhy kanallary edil ýaňky tertipde yzly-yzyna asmanlardan aýrylýar. Ýagny, üç güne çenli ruh Birinji asmanda bolýar. Öňki ýazylan ýazgylaryň esasynda öz üstünde işleýär. Ýagny, sogap, günä, edilen pikirler, aýdylan sözler, amala aşyrylan işler seljerilýar. Şol aralykda adamy jaýlaýarlar we üçüni berýärler. — Şondan soň onuň ruhy kanaly birinji asmandan awtomatiki usulda aýrylýar. Mundan buýana-da edil şonuň ýaly. 4-9 güne çenli ruh ikinji asmanda bolýar we şol ýerde toplanan maglumatlar boýunça öz üstünde işleýär. Ana, şol döwrem onuň ýedisi berilýär. 40 güne çenli Üçünji asmanda bolýar we öz üstünde işleýär. Şol döwrem merhumyň kyrky sowulýar. 41 günden 114 güne çenli Dördünji asmanda, 115 günden 146 güne çenli Bäşinji asmanda, 147 günden 666 güne çenlem Altynjy asmanda bolýar. Aşaky bäş asmanyň haýsynda nähili päsgelçiliklerden geçmelidigini ýaňy men aýtdym. Indi onuň altynjy asmanda nähili synaglardan geçmelidigini özüňiz göz öňüne getiriberiň. Bu ýerde oňa hasam kyn. Bu ýerde adamyň iman ýazgysy jemlenýär. Eger-de onuň öz ömründe eden günäsi köp bolsa, ak ruh goňur reňke, az bolsa mawy reňke öwrülýär. Ine, näme üçin Altynjy asman iki reňkli. Şu ýerde adamyň sogabynyň köpdügi, günäsiniň azdygy kesgitlense, ýagny, mawy reňke öwrülse, ruh altynjy asmany böwsüp ýedinjä çykýar. Ýedinji asman kämil ruhlar üçin. Bu Allanyň derejesi. Şol asmana ýetibilen ruh Alla gowuşýar. Ol ýerde olara baky ruhy ten berilýär. Olardan kyýamat günem sorag-jogap edilmeýär. Azapdan, keselden, iýmitden-geýmitden boş. Azat. Perişde ýaly. Eşiden bolsaň käbir özünden göwni hoş adam: “men özümi edil ýedi gat asmanyň üstünde ýaly duýýaryn” diýýändir. Çünki, Hudaýyň özem şol ýerde, ýetmiş iki perdäniň aňyrsynda otyr.
Ýedinji asmana geçip bilmese, 666 günden soň ruha täze ten berilýär we başga bir görnüşde täzeden dogulýar. — Ol sag

eliniň aýasyny meniň egnime goýdy. Ýakymly ýylylyk meniň endamyma hoş ýakdy. –Men aňýan, sizi gyzyklandyrýan esasy zat ine şü. Ogluňyzyň haçan, nirede, kimiň teninde täzeden dünýä injekligi. Dogrumy?
–Dogry.
–Oňa-da dolanyp geleris. Häzirlikçe diňläň… – Şol wagt köçeden äpet uly maşyn geçdi. Onuň edrenç sesi daşlaşýança Bükdüzow aşak bakyp dymyp oturdy. Gürrüldi daşlaşandan soň, beýnisiniň üsti bilen gelýän basyk, ýadaw owaz bilen sözüni dowam etdirdi. –Gepiň gysgasy Hudaý adamyň ruhyny kämilleşdirýär. Kämil bolanyny öz ýanyna alýar,kämil bolmadygyny kämilleşdirmek üçin täze ten berip yzyna iberýär.
–Hudaýa-da gowusy gerek diýleni-dä…
–Howwa. Eger-de bir ýaman adamyň ruhy täze bolan çaga berilende, ol taýýynjak deýýus bolup dogulmaýar. Onuň ýagşyny-ýamany saýgarmana ukyby bar. Asla hiç kime-de täze, el degirilmedik ruh berilmeýär. Çünki, adamzat taryhynda geçilen ähli ýollaryň beýany şol bir ruhda bolmaly. Hatda entek adamzat döremezinden öňki döwürlerem, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň geçen ewolýusion ýoly baradaky maglumatlaram islendik ruhda bolmaly. Şol maglumatlar biziň ruhumyzda hem ýatandyr. Emma ol zatlary aňara bizde ukyp ýok. Çünki, adam öz ýatkeşlik ukybynyň bary-ýogy ýüzden 3-5 ülüşini ulanyp bilýär. 95-97 ülüşi ýadyna düşenok. Mysal üçin adam 70-80 ýyl ýaşaýar, emma ähli gören-eşidenlerini ýatlap bilmeýär. Ana, adamyň ýadynda galmaýan şol maglumatlar asmanyň gatlarynda, ýaňky tertipde, bölek-bölek ýazylgy dur. Edil, arhiw tekjeleri ýaly. Biz oňa aň asty düşünje, ýagny, “Podsoznaniýe” diýýäris. Eger-de, ukybymyz ýetsedi, onda biz “Podsoznaniýemiz” arkaly asmandaky disklerimize girip, içinden gerek maglumatlarymyzy alyp bilerdik. Muny başarýan ukyply adamlar hem bar. Ýöne olar örän seýrek. Has ukyply adamlar bolsa başga biriniň “Podsoznaniýesine” hem girip bilýärler. –Ol iki gezek uludan asgyrdy–Ýene bir bilmeli zat, Magtymgulynyň aýdyşy ýaly her asmanyň öz “eýesi” bar. Men olara “bölüm müdirleri” diýýärin. Olar ruhy bir basgançakdan beýleki basgançaga çenli ugradýarlar. Her gata baranlaryndan soň biri-birlerini

çalyşýarlar. Hersi öz gatynda galýar. Ruh ýokary gidýär. –Bükdüzow sözüni tamamlan ýalam etdi-de: –Wiý-ý…-diýip, endignegörä buduna şapbatlatdy. –Men ýene bir zady ýatdan çykarypdyryn. Ýagny, birinji asmandan aşakda nulewoý asman hem bar. Ol biz. Biziň özümiz Fiziki bedenimiz. Tenimiz. –Şondan soň ol ýerinden turdy. Enjamlaryna göz aýlady. Çat maňlaýyma geçdi. Kimdir birinden şikaýat edýän ýaly öýkeli gürledi. –Käbir adamlar: “Aý, Allatagala bar zady ýaratdy, döretdi,ine, indem başyndan aýlap urdy-da çekildi oturyberdi, çetleşdi, hiç zada goşulanok, gatnaşanok, kömek edenok” diýýärler. Emma bu beýle däl. Ol henizem täze-täze dünýäleri ýaradyp gidip otyr. Ol işeňňir. Durşy bilen yşk. Hiç kime ýamanlyk edenok. Ol aýdýar: “Maňa siziň sadakalaryňyz gerek däl, men oňa mätäjem däl, ony mätäçlere beriň” diýýär. Şeýle hem ol: “Siz öz günäleriňiz bilen özüňizi menden daşlaşdyrýaňyz, gizleýäňiz, meniň bilen araňyza perde çekýäňiz, meniň size ýamanlygym ýok”, diýýär. Umuman ol ýeke bir ruhy däl, ahli dünýälerem, kämilleşdirip gidip otyr. Ruha tä kämil bolýança, 1200 gezek gelip gitmäne mümkinçilik berýär. Şonda-da bolmasa, Ol ony ýyrtyp, ýok edip zyňýar. –Alym zoraýakdan diýen ýaly ýylgyrdy. –Bu günlükçe indi bes edeliň. Men-ä ýadadym, sizem ýadansyňyz. Nesip bolsa siziň meseläňize ertir dolanyp geleris. Oňa çenli siz ogluňyzyň ýogalan senesini, gününi, sagadyny minudyna, başarsaňyz sekundyna çenli takyklap, ýogalan ýeriniň koordinatlaryny belli edip goýuň. Bu örän möhüm. Şonsuz ol iş bize başartmaz…

dowamy bar… Powestler